#126 (148)
среда, 17 мая 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ TÄJIGISTANA DÖWLET SAPARY

2023-nji ýylyň 10-njy maýynda irden hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iki günlük döwlet sapary bilen Täjigistan Respublikasyna ugrady. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar ugratdylar.

Howa menzilinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Täjigistan Respublikasynyň ýurdumyzdaky ilçihanasynyň wekili bilen bolan söhbetdeşliginde ozaldan gelýän dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna esaslanýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýandygy nygtaldy.

Saparyň öňüsyrasynda Duşenbede geçirilen Türkmen-täjik işewürlik maslahatynyň, bilelikdäki işewürlik geňeşiniň birinji mejlisiniň we iki ýurduň eksport ugurly harytlarynyň sergisiniň hem özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilendigini bellemek gerek. Işewürlik forumynyň netijeleri boýunça 20-den gowrak resminama gol çekildi. Şeýle hem şol gün bu ýerde Täjigistan Respublikasynyň we Türkmenistanyň ylmy intelligensiýasynyň wekilleriniň gatnaşmagynda "tegelek stoluň" başyndaky halkara maslahat boldy. Onda ikitaraplaýyn ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşylan esasy mesele boldy.

Hormatly Prezidentimiziň uçary Duşenbe şäherine çenli uçuşy amala aşyryp, Täjigistanyň paýtagtynyň iki ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Halkara howa menzilinde gondy. Belent mertebeli myhmanyň hormatyna haly düşelen ýodajygyň iki tarapynda Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzüldiler.

Howa menzilinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Täjigistan Respublikasynyň Premýer-ministri Kohir Rasulzoda we beýleki resmi adamlar garşyladylar. Myhmansöýerliginiň asylly däbine görä, döwlet Baştutanymyza gül dessesi gowşuryldy. Belent mertebeli myhmanyň gelmegi mynasybetli bu ýerde iki ýurduň halklarynyň milli lybaslaryndaky artistleriň ýerine ýetirmeginde köpöwüşginli aýdym-sazly we tansly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy, türkmen hem-de täjik sazlary ýaňlandy.

Hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweniniň howa menzilinden barýan ugrundaky ähli ýerde Türkmenistanyň we Täjigistan Respublikasynyň Döwlet baýdaklary parlady. Täjik topragynda bildirilen myhmansöýerlik hormatly Prezidentimizi Duşenbede garşylamaga ruhubelentlik bilen taýýarlyk görlendiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Döwlet Baştutanymyzyň awtoulag kerweni "Kasri Millat" köşgüne gelýär. Köşgüň öňündäki meýdançada belent mertebeli myhmany resmi garşylamak dabarasy boldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon mähirli mübärekleýär.

Iki ýurduň Liderleri dostlukly salamlaşyp, münbere barýarlar. Hormat garawulynyň serkerdesi dabaraly hasabat berýär. Toplaryň atylmagynda Türkmenistanyň we Täjigistan Respublikasynyň Döwlet senalary ýaňlanýar. Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Emomali Rahmon Täjigistanyň Döwlet baýdagyna sarpa goýup, Hormat garawulynyň nyzamynyň öňünden geçýärler. Döwlet Baştutanymyz Täjigistanyň resmi wekiliýetiniň agzalary bilen tanyşdyrylýar. Soňra täjik Lideri ýurdumyzyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary bilen tanyşdyrylýar. Belent mertebeli myhmany resmi garşylamak dabarasy Hormat garawulynyň esgerleriniň dabaraly ýörişi bilen tamamlanýar.

Prezident Emomali Rahmon hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy "Kasri Millat" köşgüne geçmäge çagyrýar. Bu ýerde iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, ikiçäk görnüşde ýokary derejedäki türkmen-täjik gepleşikleri geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu günki gepleşikleriň strategik häsiýete eýe bolan türkmen-täjik hyzmatdaşlygyna täze itergi berjekdigine, döwletara gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmaga ýardam etjekdigine ynam bildirip, Prezident Emomali Rahmony özi üçin islendik amatly wagtda Türkmenistana sapar bilen gelmäge çagyrdy. Çakylyk minnetdarlyk bilen kabul edildi. Saparyň möhletleri diplomatik ýollar arkaly ylalaşylar.

Ynanyşykly we işjeň ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy, häzirki döwrüň ýagdaýlary bilen baglylykda, onuň esasy ugurlary kesgitlenildi. Şunda Türkmenistanyň we Täjigistanyň bar bolan uly kuwwaty, iki ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de çuňlaşdyrmagy we diwersifikasiýalaşdyrmagy maksat edinýändikleri tassyklanyldy. Şeýle hem taraplar sebit we ählumumy gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleriniň birnäçesi boýunça pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler Türkmenistanyň we Täjigistan Respublikasynyň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňeldilen düzümde dowam etdi.

Prezident Emomali Rahmon hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy we ýurdumyzyň wekiliýetiniň agzalaryny ýene-de bir gezek mähirli mübärekläp, Türkmenistan bilen gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmegiň Täjigistanyň daşary syýasatynda möhüm orny eýeleýändigini mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimyklary mundan beýläk-de baýlaşdyrmak ugrunda çykyş edýär. Munuň özi doganlyk halklarymyzyň düýpli bähbitlerine laýyk gelýär. Prezident Emomali Rahmon döwlet Baştutanymyzyň şu saparynyň strategik hyzmatdaşlyk formatynda döwletara gatnaşyklara täze itergi berjekdigine ynam bildirip, belent mertebeli myhmana söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bildirilen myhmansöýerlik we döredilen ajaýyp şertler üçin täjik Liderine minnetdarlyk bildirip, türkmen tarapynyň bu döwlet saparyna hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan pugta we dostlukly döwletara gatnaşyklaryň aýdyň subutnamasy hökmünde garaýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz şu günki gepleşikleriň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyna baha bermäge, ozal gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişini ara alyp maslahatlaşmaga, bar bolan kuwwata laýyklykda, türkmen-täjik hyzmatdaşlygyny täze derejä çykarmak üçin ugurlary kesgitlemäge mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi.

Nygtalyşy ýaly, şu gezekki saparyň Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenilýän ýylda geçýändigi aýratyn many-mazmuna eýedir. Munuň özi iki ýurduň we olaryň halklarynyň täze taryhynyň soňky 30 ýylynda döwletara gatnaşyklaryň ösüşini seljermäge

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и самые добрые пожелания Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву по случаю его 70-летнего юбилея.

«Под Вашим руководством Республика Казахстан последовательно идёт по пути укрепления государственности и динамичного социально-экономического развития. За последние годы значительно возрос авторитет страны на международной арене. Мы высоко оцениваем Ваш личный вклад в развитие традиционно дружественных, стратегических отношений между Туркменистаном и Казахстаном и надеемся на дальнейшее расширение двустороннего сотрудничества на благо наших народов», – отметил в своём послании глава государства.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Касым-Жомарту Токаеву пожелания крепкого здоровья, благополучия и новых успехов в ответственной государственной деятельности во имя счастливой жизни и процветания братского народа Республики Казахстан.

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву по случаю его 70-летнего юбилея.

«В результате проводимой Вами созидательной политики и осуществляемых реформ повышается благосостояние народа, укрепляется экономическая мощь страны. Мы радуемся успехам братского Казахстана, достигнутым за последние годы. Планомерно расширяется сотрудничество между Туркменистаном и Республикой Казахстан, обогащаясь новым содержанием. В этом контексте необходимо отметить Ваш огромный личный вклад в развитие наших традиционно дружественных отношений. Глубоко убеждён, что туркмено-казахстанское стратегическое партнёрство будет и впредь всемерно укрепляться в духе добрососедства и искреннего доверия», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг.

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов, ещё раз поздравив Президента Касым-Жомарта Токаева со славным юбилеем, выразил ему пожелания крепкого здо¬ровья, благополучия и успехов, а братскому народу Республики Казахстан – мира и процветания.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ НОРВЕГИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Норвегии Харальду V по случаю национального праздника Норвегии – Дня Конституции.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Королю Харальду V искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Королевства Норвегия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ TÄJIGISTANA DÖWLET SAPARY

muhamedow syýasy-diplomatik ulgamda türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň netijeli ösdürilýändigini belledi. Türkmenistan we Täjigistan Respublikasy halkara giňişlikde birek-biregi goldaýarlar. Munuň özi anyk netijeleriň gazanylmagyna, sebitde hem-de dünýäde ýagdaýlaryň barşyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Şunuň bilen baglylykda, täjik tarapynyň Türkmenistanyň bitarap daşary syýasatyny we onuň halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlaryny üýtgewsiz goldaýandygy aýratyn nygtaldy.

Ulag ulgamy türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunda bilelikdäki tagallalar baş maksady gazanmaga — Aziýanyň, Ýewropanyň, Ýakyn Gündogaryň ulag ulgamlaryny birleşdirýän döwrebap we kuwwatly infrastrukturany döretmäge gönükdirilmelidir. Bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi we iki ýurduň çäk taýdan amatly ýerleşmegi bilen baglylykda, Türkmenistan Hazar deňzine çykmak bilen, döwletlerimizi birleşdirýän ulag geçelgesi boýunça bilelikdäki işe taýýardyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, biziň sebitimiziň dünýä ummanyna göni çykalgasy bolmadyk döwletlerine halkara bazarlara çykmak üçin Gündogaryň, ýagny Hazaryň port düzümleriniň mümkinçiliklerini doly derejede ulanmak zerurdyr. Türkmenistan Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň kuwwatlyklaryny amatly şertlerde Täjigistan üçin hem bähbitli bolar ýaly ulanmak mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr. Şeýle-de döwletlerimiziň arasyndaky göni we üstaşyr howa gatnawlaryny dikeltmek mümkinçiligine garamak teklip edilýär.

Ynsanperwer ulgam hem türkmen-täjik gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Halklarymyzyň arasyndaky medeni gatnaşyklar taryhyň jümmüşinden gözbaş alýar. Türkmenistanyň we Täjigistanyň sungatyna hem-de edebiýatyna ägirt uly özara gyzyklanma bildirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 2023-2024-nji ýyllarda iki ýurduň özara Medeniýet günlerini guramak teklip edilýär. Döredijilik we ylmy intelligensiýanyň wekilleriniň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmek zerur bolup duryar.

Soňra söz nobaty Prezident Emomali Rahmona geçirildi. Ol döwletara gatnaşyklaryň netijeli we strategik häsiýetini kanagatlanma bilen belledi. Şunda ikitaraplaýyn dostluk, strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň saldamly goşandy aýratyn nygtaldy.

Täjik Lideri ulag ulgamyny özara gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň biri hökmünde görkezip, hususan-da, Täjigistanyň öz ýüklerini daşamak üçin Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanmaga gyzyklanma bildirýändigini belledi.

Iki doganlyk halkyň ruhy we medeni umumylygyny nazara almak bilen, medeni-ynsanperwer ulgam, şol sanda bilim ulgamy hyzmatdaşlygyň möhüm ugry hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Emomali Rahmon türkmen tarapyna Täjigistanda wajyp durmuş ähmiýetli desgany — Magtymguly adyndaky orta mekdebi gurmak baradaky çözgüdi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şu gün bu mekdebiň gurluşygyna dabaraly ýagdaýda badalga berler.

Mälim bolşy ýaly, geçen ýylyň güýzünde Türkmenistanda Täjigistan Respublikasynyň Medeniýet günleri üstünlikli geçirildi. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň ikinji ýarymynda Täjigistanda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini geçirmek hem-de bu wakanyň çäklerinde täjik we türkmen halklarynyň dostluk festiwalyny bilelikde guramak teklip edildi.

Döwletara gatnaşyklaryň parlament ugruna hem täze itergi berildi. 2022-nji ýylyň maýynda Täjigistanyň Oli Majlisiniň Milli Majlisiniň Başlygy Türkmenistana ilkinji saparyny amala aşyrdy. Şunda dostlukly ýurtda hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň resmi sapar bilen gelmegine garaşylýandygy nygtaldy. Prezident Emomali Rahmon şular barada aýtmak bilen, ikitaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygyň çäklerinde parlamentara gatnaşyklaryň täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdi.

Pursatdan peýdalanyp, täjik Lideri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy we ähli türkmen halkyny Mejlisiň täze çagyrylyşynyň deputatlarynyň saýlawlarynyň üstünlikli geçirilmegi bilen gutlady.

Şeýle hem Täjigistanyň we Türkmenistanyň halkara, sebit guramalarynyň çäklerinde ysnyşykly hyzmatdaşlyk edýändigi bellenildi. Prezident Emomali Rahmonyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistanyň Baştutanynyň bu sapary döwletara gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açýar. Täjigistanyň Baştutany öz ýurdunyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň many-mazmunyny baýlaşdyrmak boýunça mundan beýläk-de bilelikdäki ädimlere taýýardygyny tassyklap, Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi, şeýle-de doganlyk Türkmenistana sapar bilen gelmäge çakylyk üçin hoşallyk bildirdi.

Giňeldilen düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, iki döwletiň Baştutanlary göni aragatnaşyk arkaly Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdebiň binasynyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar.

2022-nji ýylyň 9-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 540 orunlyk okuw edarasynyň binalar toplumyny gurmak hakynda Karara gol çekdi. Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmonyň arasynda bu barada degişli ylalaşyk gazanyldy. Şeýle çözgüt ikitaraplaýyn ynsanperwer gatnaşyklary geljekde-de pugtalandyrmak we giňeltmek, medeniýetleriniň, däp-dessurlarynyň, ruhy gymmatlyklarynyň umumylygy bilen baglanyşan halklarymyzyň arasynda dostluga, özara düşünişmäge ýardam bermek maksady bilen kabul edildi.

Umuman, bilim ulgamy strategik häsiýetli türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň aýrylmaz böleginiň biridir. Ýurtlaryň ikisinde-de bilim ulgamynyň ösdürilmegine, innowasion usulyýetleriň hem-de tehnologiýalaryň esasynda olaryň kämilleşdirilmegine möhüm üns berilýär. Bu gün bolsa täjik topragynda beýik türkmen şahyry, akyldary we filosofy, tutuş ömrüni, döredijiligini ynsanperwerlik, watançylyk taglymlarynyň berkarar bolmagyna, halklaryň dost-doganlygynyň berkidilmegine bagyş eden Magtymguly Pyragynyň adyny göterjek umumybilim berýän mekdebiň gurluşygyna girişilýär.

Dabaranyň geçirilýän ýerinde ajaýyp baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Bu ýere hormatly ýaşulular we kümüş saçly eneler, Türkmenistanyň hem-de Täjigistanyň resmi wekiliýetleriniň agzalary, giň jemgyýetçilik wekilleri ýygnandylar. Hemmeler Prezidentler Serdar Berdimuhamedowy we Emomali Rahmony uly ruhubelentlik bilen garşylaýarlar. Täjik we türkmen dillerinde dabaranyň başlanýandygy yglan edilýär.

Hormatly ýaşulular dabara gatnaşýandyklary üçin döwlet Baştutanlaryna hoşallyk bildirip hem-de berk jan saglyk, uzak ömür, ähli asylly başlangyçlarynda uly üstünlikleri arzuw etmek bilen, mekdebiň düýbüni tutmaga ak pata bermeklerini haýyş etdiler. Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary ýaňlanýar.

Täjigistanyň we Türkmenistanyň Prezidentleri umumybilim berýän orta mekdebiň düýbüni tutmaga ak pata berýärler. Bu ýere ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary ýaňlanýar. Ýaşuly nesliň wekilleri täze mekdebiň binýadyna beton garyndylaryny oklaýarlar. Milli aýdym-sazlar şanly wakanyň dabarasyny has-da artdyrýar. Döwlet Baştutanlarynyň adyna ýene-de tüýs ýürekden hoşallyk sözleri aýdylýar.

Dabara tamamlanandan soňra, "Kasri Millat" köşgünde ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumyna gol çekmek dabarasy boldy.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Emomali Rahmon Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakynda Jarnama gol çekýärler. Bu möhüm resminamada iki döwletiň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn derejede köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeň ösdürmäge, halkara guramalaryň çäklerinde netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga ygrarlydyklary tassyklanylýar. Nygtalşy ýaly, türkmen-täjik gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi hem-de çuňlaşdyrylmagy iki ýurduň düýpli bähbitlerine laýyk gelmek bilen, olaryň gülläp ösmegine, sebitde parahatçylygyň, durnuklylygyň pugtalandyrylmagyna ýardam eder. Şeýlelikde, Jarnamada Türkmenistanyň we Täjigistan Respublikasynyň döwletara gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmaga, iki doganlyk halkyň abadançylygynyň bähbidine ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga berk ygrarlydygy bellenilýär.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanlary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Emomali Rahmona, dostlukly ýurduň wekiliýetiniň agzalaryna netijeli iş üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, doganlyk ýurduň halkyna parahatçylyk, abadançylyk we gülläp ösüş arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz "Kasri Millat" köşgünden Duşenbe şäheriniň merkezine — "Dusti" («Dostluk») meýdanyna tarap ugrady. Bu ýerde Täjigistan Respublikasynyň döwlet özygtyýarlylygynyň hem-de milli jebisliginiň nyşany bolan ýadygärlikler toplumy ýerleşýär. Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow täjik halkynyň milli gahrymany we täjik döwletini esaslandyryjy Ismoil Somoniniň ýadygärligine gül desselerini goýdy.

Şu gün - 10-njy maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet saparynyň maksatnamasynyň çäklerinde Täjigistan Respublikasynyň Oli Majlisiniň Namoýandagon Majlisiniň we Milli Majlisiniň Başlyklary bilen hem duşuşdy. Mälim bolşy ýaly, Oli Majlis (Ýokary Ýygnak) iki palatadan: aşaky — Namoýandagon Majlisinden (Wekiller palatasyndan) hem-de ýokarky — Milli Majlisden (Milli Geňeşden) ybaratdyr.

Agşam hormatly Prezidentimiz täjik paýtagtynyň merkezi böleginde ýerleşen «Nowruz» köşgüne tarap ugrady. Bu iri binagärlik toplumy häzirki Duşenbäniň ajaýyp ýerleriniň biri bolup duryar.

Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Prezident Emomali Rahmon garşylady. Täjik Lideri döwlet Baştutanymyzy «Nowruz» köşgüniň zallaryny synlamaga çagyryýar. Bu köşk belent mertebeli myhmanlaryň duşuşýan hem-de halkara ähmiýetli çäreleriň geçirilýän ýerine öwrüldi.

«Nowruz» köşgi milli äheňde bezelen 12 zaldan ybaratdyr. Olaryň her biri däp bolan täjik binagärliginiň we bezeginiň özboluşly häsiýetlerini şöhlelendirýär. Zallaryň reňkler babatdaky köpöwüşginliligi we olaryň bezegleri täjik halkynyň gadymy taryhyny, baý medeniýetini alamatlandyryar. Şunuň bilen birlikde, bu ýerde bezeg babatda öňdebaryjy usullar ulanyldy.

Soňra belent mertebeli myhmanyň hormatyna Täjigistanyň Baştutany resmi agşamlyk naharyny berdi.

Hormatly Prezidentimiziň Täjigistan Respublikasyna döwlet sapary dowam edýär.

Интернет газета
Международные новости

ОБСУЖДЕНЫ ЗАДАЧИ ПО РЕАЛИЗАЦИИ МАСШТАБНЫХ ПРОГРАММ РАЗВИТИЯ СТРАНЫ

15 мая 2023 года Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов провёл рабочее совещание при участии ряда заместителей Председателя Кабинета Министров и руководителей соответствующих министерств и отраслевых ведомств, на котором рассмотрен ход выполнения Программы «Возрождение новой эпохи могущественного государства: Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана в 2022–2052 годах» и Программы Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны в 2022–2028 годах, а также обсуждены предстоящие задачи.

Как отметил Герой-Аркадаг, в настоящее время в стране осуществляется процесс диверсификации национальной экономики, все отрасли народнохозяйственного комплекса динамично развиваются, в результате укреп¬ляется место Туркменистана в международном сообществе. Сохранение устойчивого ¬роста ВВП обуславливает выход родной Отчизны на передовые позиции среди стран мира.

В ходе рабочего совещания его участники доложили о проводимой в курируемых сферах работе, а также о предпринимаемых мерах в целях успешного выполнения стоящих перед отраслями задач.

Как было отмечено, осуществляемые в независимом нейтральном Туркменистане конструктивные преобразования обеспечили выход страны на путь гармоничного развития. Наряду с этим отмечалась успешность внешнеполитической стратегии нашего государства, основанной на отношениях добрососедства и международного сотрудничества.

В соответствии с Программой «Возрождение новой эпохи могущественного государства: Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана в 2022–2052 годах» и «Программой Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны в 2022–2028 годах», большое значение придаётся расширению ассортимента товаров на рынках, увеличению объёмов розничного товарооборота, а также доли товаров, не связанных с продуктами питания.

В последние годы проводится комплексная работа, направленная на обеспечение слаженной деятельности профильных структур строительно-промышленного комплекса страны. В соответствии с поручением Президента Сердара Бердымухамедова, особое внимание уделяется внедрению цифровых технологий в промышленность и сферу строительства, как и в другие отрасли национальной экономики, применению новаторских методов в производстве.

Вместе с тем большое внимание уделяется вопросам популяризации в мире огромных достижений независимой Отчизны, славной истории и традиций туркменского народа. В данной связи возникает необходимость модернизации работы средств массовой информации, широкого внедрения в их деятельность цифровой системы и мирового опыта в этом направлении.

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов подчеркнул, что на сегодняшний день наиболее актуальными являются вопросы всестороннего развития страны, повышения темпов социально-экономического роста столицы и регионов, модернизации национальной экономики.

Опирающаяся на принципы миролюбия и позитивного нейтралитета внешняя политика Туркменистана содействует наращиванию сотрудничества с заинтересованными государствами мира и авторитетными международными организациями.

Успешная реализация бюджетно-налоговой политики, которая является основным механизмом поддержания экономического роста страны и социальной защищённости населения, выступает одним из приоритетов государственной стратегии по обеспечению финансовой стабильности и формированию финансовых стимулов как факторов социально-экономического развития.

Говоря об этом, Герой-Аркадаг отметил, что успешная реализация задач, поставленных Программами «Возрождение новой эпохи могущественного государства: Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана в 2022–2052 годах» и «Программой Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны в 2022–2028 годах» является залогом гармоничного развития нашей страны.

В настоящее время, путём слаженного развития структур агропромышленного комплекса страны, превращения сельского хозяйства в одну из высокодоходных отраслей, увеличения объёмов производства и ассортимента сельхозпродуктов, успешно решается задача по снижению объёмов импорта, а самое главное – удовлетворению спроса населения на продукты питания.

Политическая стабильность нашей страны – одно из главных достижений за годы независимости. Под руководством Президента Сердара Бердымухамедова программно осуществляется стратегия устойчивого развития, что способствует интенсивному экономическому росту и последовательному повышению уровня жизни населения.

Поддержание устойчивой динамики народного хозяйства по всем направлениям продовольственной безопасности, активизация государственной инвестиционной политики, формирование прогрессивной модели экономики, обладающей конкурентными преимуществами, и выстраивание механизмов её перевода в цифровой формат определены приоритетами госпрограмм.

Социально-экономическая стратегия Туркменистана в 2022–2052 годах призвана обеспечить устойчивый экономический рост, оптимизацию системы государственного управления, улучшение условий жизни народа, и здесь необходимо продолжать диверсификацию экономики, увеличивать долю высокотехнологичного производства в процессе её развития, а также поддерживать отраслевую цифровизацию, макроэкономическую и финансовую стабильность.

Негосударственному сектору, доля которого в структуре ВВП страны планомерно увеличивается, отведена ключевая роль в последовательной индустриализации национальной экономики на инновационной базе. При этом нужно сконцентрироваться на отраслевой диверсификации с учётом стремительных перемен в мировой экономике, сказал Герой-Аркадаг.

Грандиозные инициативы и прогрессивные масштабные преобразования, реализуемые сегодня под дальновидным руководством Президента Сердара Бердымухамедова, выступают гарантом незыблемости основ священной независимости и неуклонного социально-экономического развития нашей страны, подчеркнул Герой-Аркадаг.

Сердечно поздравив участников рабочего совещания с торжественно отмечаемым в стране Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана, Аркадаг подчеркнул важность организации праздничных мероприятий на высоком уровне.

В завершение совещания Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов пожелал собравшимся успехов в работе во имя процветания Отчизны, благополучия родного народа, упрочения мира и устойчивого развития.

Интернет газета
Международные новости

МЕЖПАРЛАМЕНТСКИЙ ДИАЛОГ – ОСНОВА КОНСТРУКТИВНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА ВО ИМЯ МИРА И УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ

16 мая в столичном отеле «Ýyldyz» состоялась Международная конференция «Роль нейтральных государств в укреплении безопасности, стабильности и диалога в регионе ОБСЕ», организованная Меджлисом Туркменистана совместно с Парламентской Ассамблеей Организации по безопасности и сотрудничеству в Европе (ПА ОБСЕ).

Цель этой важной многосторонней встречи, проводимой в рамках инициативы «Призыв к действию – Хельсинки +50», – содействие и продвижение всеобъемлющего подхода к обеспечению безопасности, прочного и устойчивого мира во имя счастливого будущего человечества.

Специально для участия в форуме, проходящем в преддверии одного из важных для новейшей истории нашей страны праздников – Дня Конституции и Государственного флага Туркменистана, в Ашхабад прибыли Председатель Парламентской Ассамблеи Организации по безопасности и сотрудничеству в Европе Маргарета Седерфельт, члены Бюро ПА ОБСЕ, международные эксперты, видные общественные и политические деятели, парламентарии Австрии, Италии, Германии, Польши, Швейцарии, Франции, а также стран региона – Казахстана, Кыргызстана, Таджикистана и Узбекистана.

На встречу были приглашены руководители и представители некоторых министерств и ведомств Туркменистана, главы аккредитованных в нашей стране диппредставительств и авторитетных международных организаций, представители столичных вузов, оте¬чественных и зарубежных СМИ.

Столь представительный состав участников конференции является подтверждением растущего интереса к динамично развивающемуся Туркменистану, понимания международным сообществом значимости и роли правового статуса нейтралитета как важного фактора обеспечения безопасности, стабильности и глобального устойчивого развития.

Собравшиеся выразили искреннюю признательность туркменской стороне за организацию форума, а также за постоянную поддержку проводимых ПА ОБСЕ мероприятий.

В выступлениях особо подчёркивался тот факт, что Туркменистан является единственной страной в мире, чей правовой статус постоянного нейтралитета, созвучный многовековым традициям туркменского народа, был дважды признан Резолюциями ООН.

Сегодня базовые принципы, вытекающие из этого уникального статуса, а именно, укрепление глобального мира и безопасности, расширение дружественных и братских отношений с заинтересованными странами и партнёрами, обеспечение устойчивого развития на планете лежат в основе проводимой независимым Туркменистаном миролюбивой внешней политики.

Выдвигаемые нашей страной конструктивные предложения по решению актуальных вопросов глобальной повестки, активному продвижению дипломатии доверия и взаимоуважения стали значимым вкладом в общие усилия по возвращению международного диалога в мирное дипломатическое русло.

Так, на 77-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН была рассмотрена и единогласно принята представленная Туркменистаном Резолюция об объявлении 2023 года Международным годом диалога как гарантии мира, соавторами которой выступили 68 стран-членов Организации.

Выдвинутая Национальным ¬Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым глобальная инициатива «Диалог – гарантия мира» нацелена на консолидацию усилий международного сообщества в укреплении традиций мирного и доверительного сосуществования народов, восстановлении ценностных установок и мировоззренческих взглядов, определении культуры мира и доверия в качестве неотъемлемого фактора международных отношений.

Позиционируемая в качестве новой философии международных отношений, она напрямую перекликается с инициативой Генерального секретаря ООН о формировании Новой повестки дня для построения мира, включающей сокращение глобальных стратегических рисков, инвестирование в предотвращение конфликтов и миротворчество, а также поддержку региональных превентивных мер.

28 июля 2022 года по инициативе Туркменистана была принята ещё одна знаковая Резолюция – «Об объявлении Центральной Азии зоной мира, доверия и сотрудничества», единогласно принятая 193 странами мира.

Эта тема стала ключевой в повестке дня нынешней конференции, призванной содействовать более тесному, много¬аспектному сотрудничеству между странами региона, активному использованию инструментов парламентской дипломатии в деле укрепления мира, безопасности и устойчивого развития.

Высокую оценку роли нашей страны в продвижении конструктивного международного диалога и активном использовании инструментов превентивной дипломатии дал в своём видеообращении к делегатам форума помощник Генерального секретаря ООН по делам Европы, Центральной Азии, Северной и Южной Америки, исполняющий обязанности главы Регио¬нального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) Мирослав Енча.

Отмечалась актуальность и востребованность инициатив туркменской стороны по эффективному задействованию механизмов энергетической и транспортной дипломатии, мирному урегулированию ситуации в Афганистане, реализации совместных с соседними государствами проектов, призванных служить на благо всего региона.

Высоко оценивая значение практических шагов, предпринимаемых нашей страной в данном направлении, докладчики подчёркивали, что Туркменистан все эти годы занимает активную позицию в вопросах развития активного регионального и международного диалога, выступая надёжным партнёром ОБСЕ и других международных организаций.

Как известно, деятельность Парламентской Ассамблеи, созданной в 1990 году на Парижском саммите ОБСЕ, нацелена на расширение межпарламентского диалога для достижения всесторонней безопасности в государствах-участниках организации. Сегодня в состав этого совещательного и консультативного органа ОБСЕ входит более трёхсот парламентариев из 57 государств-участников организации.

Меджлис Туркменистана стал полноправным членом ПА ОБСЕ в 2014 году и с тех пор принимает самое активное участие в её деятельности. Имея большой позитивный опыт, Ассамблея содействует совершенствованию избирательной системы заинтересованных государств и деятельности законодательных органов в целом.

Одним из значимых направлений проводимой работы также является разработка и реализация механизмов по раннему предупреждению и предотвращению конфликтов, урегулированию кризисов и постконфликтному восстановлению в регионе. Для достижения этих целей Парламентская Ассамблея ОБСЕ использует различные инструменты, включая итоговые декларации, а также резолюции и рекомендации, которые принимаются на ежегодной сессии.

Обсуждение важности нейтрального пространства в поляризованном геополитическом контексте и роли стран Центральной Азии в продвижении общих целей и задач под эгидой ОБСЕ продолжилось в рамках проведённых затем двух рабочих заседаний.

Состоялся заинтересованный обмен мнениями о перспективах развития межпарламентского взаимодействия, выступающего одним из составляющих конструктивного межгосударственного диалога на двусторонней и многосторонней основе.

По общему мнению, национальные парламенты стран Центральной Азии имеют потенциал для активного содействия реализации глобальной Повестки-2030 и осуществлению Целей устойчивого развития.

В прозвучавших выступлениях особо отмечались инициативы и предложения Туркменистана по совершенствованию работы депутатских групп дружбы, поощрению сотрудничества молодых парламентариев, повышению активности женщин-депутатов и др.

В частности, по инициативе ¬Героя-Аркадага в декабре 2020 года был создан Диалог женщин государств Центральной Азии, ставший первой в истории ЦА структурой, сформированной представителями Республики Казахстан, Кыргызской Республики, Республики Таджикистан, Туркменистана и Республики Узбекистан при поддержке ООН.

Как подчёркивалось, подобные встречи, взаимные контакты, напрямую служащие взаимопониманию, как никогда востребованы в сфере межпарламентского регионального сотрудничества.

Собравшиеся ещё раз выразили признательность туркменской стороне за прекрасную организацию нынешней конференции, проведение которой стало наглядным подтверждением того, что Туркменистан, будучи активным членом мирового сообщества, не ограничивается только выдвижением значимых инициатив, направленных на развитие взаимозаинтересованного партнёрства, но и предпринимает последовательные шаги по их практической реализации.

НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

Туркменистан направил гуманитарную помощь в Афганистан

Согласно Распоряжению Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова, гуманитарный караван с грузом с лекарственными и медицинскими средствами, продовольственной и текстильной продукцией весом около 125 тонн на безвозмездной основе 11 мая 2023 года отправился из Туркменистана в Афганистан.

В Ашхабаде обсуждают поправки в Договор о Международном железнодорожном транзитном тарифе

15 мая в туркменской столице открылось XXXIV Совещание представителей сторон Договора о Международном железнодорожном транзитном тарифе. Заседание посвящено совершенствованию и актуализации документа об МТТ, который является соглашением между двумя десятками стран, тарифы для перевозки грузов по железным дорогам в транзитном режиме.

Япония передала ИМО МИД Туркменистана новые книги на японском языке

Японское правительство передало Институту международных отношений МИД Туркменистана книги на японском языке в рамках программы Read Japan, сообщает туркменская дипмиссия в Токио.

Студенты 3 и 4 курсов, которые изучают японский язык, теперь смогут ознакомиться с оригинальными учебными материалами по японской образовательной программе. Они охватывают такие направления, как история, экономика, международная политика Японии и ее госустройство.

Учащиеся факультета журналистики смогут изучить пособия о работе японских медиа и СМИ. Центральный материал в этой серии книг — «Новости NHK и телевидение».

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.